# Türkmen ýaşlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmen ýaşlary TÜRKMEN ÝAŞLARY

Türkmen gudratyny Jahana ýaýýar,
Hakykata dönýär erteki, ýaşlar!
Kalbyňyzda hyruç,
Gözde ataş bar,
Siz berkarar ýurduň ertesi ýaşlar!
Oglum siz,
Gyzym siz,
Meniň päk neslim,
Ýörediñ atalaň döwletli kesbin,
Ýeňişden ýeňşe!
Kynçylyk tessin,
Aýlaň arşda çarhypelegi, ýaşlar!
Derýa deý çyrpynyp, dag deý galkynyň,
Günüň ýalkymyndan syryň altynyn.
Bagtyn pajarladyp gurgun halkymyň
Haýran kylyň Rumy, Pereňi, ýaşlar!
Gujur sizde,
Gaýrat sizde,
Güýç sizde,
Görogly- gaýraty, daşgyn ýaş sizde.
Ýaşyl Tugum sizde, göwher täç sizde,
Sizde Gorkut ataň keremi ýaşlar!
Toprak däldir, bu atalaň ganydyr,
Hupbul Watan eneleriň janydyr,
Watan söymek – Beýik türkmen dinidir,
Türkmenistan güllär ebedi, ýaşlar!
Siz- talyp,
Siz-esger,
Geljekki alym,
Arşa çykyp ýazyň, halkymyň adyn.
Dowamat dowamy Saparmyradyň-

Türkmen adyn Tug deý göteriň, ýaşlar!

Saparmyrat TÜRKMENBAŞY. Goşgular